## 1. Priloženiýanyň ilkinji sapar işe girizilmegi, bellige alynmagy we prilozeniýadan çykmak

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Prilozeniýany işe girizýäris. Nyşanly sahypa açylýar. |  |
| 2 | Nyşanly sahypadan soňra bellige alynma üçin görnüş açylýar. Ulanyjy telefon belgisini we Bankda alan kodly sözüni girizýär. |  |

<table>
<tr>
<td>3</td>
<td>Telefona SMS gelýär. Ulanyjy priloženiýa SMS-däki kody girizýär.</td>
<td>
</td>
</tr>
<tr>
<td>4</td>
<td>Ulanyjy:<br>• indiki girişdäki autentifikasiýa üçin usuly saýlaýar;<br>• pin-kody girizýär. Bu geljekde ulanyjy sazlamalardaky Face ID aýyran ýagdaýy üçindir.<br>• Face ID ulanmalydygyny ýa-da ulanmaly däldigini saýlaýar.</td>
<td>
</td>
</tr>
</table>

| | | |
|---|---|---|
| 5 | Ulanyjy nik-neými girizýär. Ol geljekde töleg ulgamynyň beýleki gatnaşyjylaryna görner. |  |
| 6 | Priloženiýanyň baş sahypasy açylyp, onda görünýär:<br>• tölegleriň geçirilmegi üçin saýlanylan hasaply we galyndyly elýeterli hasaplar blogy;<br>• hasap boýunça soňky 3 tölegli blok;<br>• tölegi kabul etmek we ibermek düwmeleri;<br>Priloženiýanyň 3 sany goşmaça sahypadan ybarat menýusy: a) «Baş sahypa» – öýjagaz, b) «Tölegler taryhy» – sagat, ç) «Sazlamalar» – çarhça. |  |

## 2. Priloženiýanyň ikilenç işe girizilmegi we tölegiň fiziki şahs tarapyndan amala aşyrylmagy

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Telefonyň iş stolundaky ikonkadan priloženiýany işe girizýäris. Nyşanly sahypa açylýar. |  |
| 2 | Nyşanly sahypadan soňra autentifikasiýa görnüşi açylýar. Ulanyjy pin-kody girizýär ýa-da Face ID işledýär (bellige alnyşdaky sazlama bagly). |  |

<table>
<tr>
<td>3</td>
<td>Priloženiýanyň baş sahypasy açylyp, onda görünýär:<br>• tölegleriň geçirilmegi üçin saýlanylan hasaply elýeterli hasaplar blogy;<br>• hasap boýunça soňky 3 tölegli blok;<br>• tölegi kabul etmek we ibermek düwmeleri;<br>Priloženiýanyň 3 sany goşmaça sahypadan ybarat menýusy: a) «Baş sahypa» – öýjagaz, b) «Tölegler taryhy» – sagat, ç) «Sazlamalar» – çarhça.</td>
<td>
</td>
</tr>
<tr>
<td>4</td>
<td>Ulanyjy “Tölegi ibermek” düwmesini çepe süýşürmek bilen basýar. QR kody skanirleýji sahypa görnüşi açylýar. Ulanyjy kamerany QR koda gönükdirýär. Haryt dükanda satyn alnan ýagdaýynda kamerany kassanyň golaýyndaky ýelmenen QR koda gönükdirmeli. Fiziki şahslaryň arasynda geçirim amal edilen ýagdaýynda, kamerany pul geçirilýän ulanyjynyň telefonynyň ekranyna gönükdirmeli.</td>
<td>
</td>
</tr>
</table>

| | | |
|---|---|---|
| 5 | Priloženiýe QR kody hasaplaýar hem-de ulanyja töleg möçberini girizmegi we zerurlyk bolan ýagdaýynda teswirleri ýazmagy teklip edýär. Sahypa görnüşinde nyşan, Kabul edijiniň ady we tölegiň möçberi görünýär. |  |
| 6 | Ulanyjy “Tölemek” düwmesine basanyndan soňra, tölegiň üstünlikli geçendigi ýa-da ýalňyşlyk hakyndaky maglumatly sahypa çykýar. Ulanyjy ýapmak düwmesine basýar we baş sahypa dolanýar. |  |

| | | |
|---|---|---|
| 7 | Baş sahypadaky soňky tölegler bölüminde geçirilen tölegler hakyndaky maglumat görkezilýär. Tölegiň möçberi gyzyl reňk bilen bellenilendir we onda “-” belgisi bardyr. |  |

## 3. Kabul edijiniň (fiziki şahsyň we/ýa-da kassiriň) hasabyna serişdeleriň gelmegi

<table>
<tr>
<td>1</td>
<td>Serişdeleri kabul edijä serişdeleriň gelendigi hakynda puş habarnama gelýär. Puşa basylanda ulanyjy öz priloženiýesiniň baş sahypasyna düşýär. “Ýaňy-ýakyndaky tölegler” bölüminde şu tölegi görýär. Tölegiň möçberi ýaşyl reňk bilen bellenilendir. Hasap bölüminde artan elýeterli bolan serişdeler galyndysy görünýär.</td>
<td>




</td>
</tr>
<tr>
<td>2</td>
<td>Ulanyjy gelen tölege basyp, ol hakynda giňişleýin maglumaty görüp biler.</td>
<td>




</td>
</tr>
</table>

# 4. Fiziki şahs tarapdan tölegiň kabul edilmegi

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Ulanyjy baş sahypada ýerleşip, “Tölegi kabul etmek” düwmesini saga geçirmek bilen oňa basýar. |  |
| 2 | Bu ulanyjynyň QR  kodly sahypa görnüşi açylýar. 2-nji (ýokardaky) ýagdaýdaky ulanyjy öz telefonynyň kamerasyny bu sahypa gönükdirýär. |  |

<table>
<tr><td colspan="3">Soňra ýokardaky 3-nji ýagdaýda beýan edilen proses gaýtalanýar.</td></tr>
<tr><td>3</td><td>Serişdeleri kabul edijä serişdeleriň gelendigi hakynda puş habarnama gelýär. Puşa basylanda ulanyjy öz priloženiýesiniň baş sahypasyna düşýär. “Ýaňy-ýakyndaky tölegler” bölüminde şu tölegi, hasap bölüminde bolsa artan serişdeler galyndysy görýär.</td><td>
</td></tr>
<tr><td>4</td><td>Ulanyjy gelen tölege basyp, ol hakynda giňişleýin maglumaty görüp biler.</td><td>
</td></tr>
</table>